# “DAVID DORFMAN DANCE” TOPARY, NÝU-ÝORK ŞÄHERI, Ý, ABŞ

“David Dorfman Dance” topary – bu dünýä köpçüligine tansyň täze bir görnüşini hödürleýän tans toparydyr. Dewid Dorfman bu tans toparyň düýbini tutdy we şol wagtdan bäri ol onuň çeperçilik ýolbaşçysy bolup işläp gelýär. Topar hemme tomaşyçylary bilen çykyşynyň dowamynda dürli mowzuklar boýunça işjeň aragatnaşygy we gepleşigi ýola goýmagy başarýär. Dorfmanyň tansa bolan özboluşly çemeleşmesi gmesemälim degişme we höweslendirme häsiýetli gündeki gahrymanlykly gurşawy döretmäge ýardam berýär.

1985-nji ýylda esaslandyrylandan bäri Dewid Dorfman tans topary Demirgazyk we Günorta Amerikada, Beýik Britaniýada, Ýewropada we ýaňy-ýakynda Russiýa federasiýasynyň Sankt-Peterburg we Krasnoýarsk şäherlerinde we Polşanyň Krakow şäherinde eden köp sanly çykyşlarynyň netijesinde giň gerimde meşhurlyga eýe bolup, onuň at-abraýy has-da artdy. Bu tans topary şu günki güne çenli “Bessi” baýragynyň sekizisine mynasyp boldy. 2007-nji ýyldan bäri bolsa topar ABŞ-nyň Konnektikut uniwersitetinde işleýär.

### Tans toparyň düýbini tutujysy barasynda

David Dorfman *David Dorfman Dance* kompaniýasynyň esaslandyryjysy hem-de Konnektikut kolledžiniň tans müdirliginiň başlygy bolup, ol bu kolledžde 2004-nji ýyldan bäri işläp gelýär. Ol 2005-nji ýylda Gugenhaým birleşiginiň agzasy kabul edilip, Dorfmana häzirki wagta çenli Milli Sungat Başarnyklarynyň dört sany baýragy, Nýu-Ýork Sungat Başlangyçlarynyň üç sany baýragy, Amerikanyň Horeografiýasynyň baýragy, “Howly” *(The Yard)* žurnaly tarapyndan Paul Teýlor baýragy, Tansyň Tejribe Ýaşy mynasybetli Marta Hil baýragy hem-de David Dorfman tansynyň köpçüligi üçin niýetlenen *“Umumy Hereketler” (Familiar Movements)*, başgaça aýdylanda: *“Maşgala Taslamasy” (The Family Project)* taslamasy boýunça Bessi baýragy gowşuryldy.

### Habar beriş serişdelerde topar barasynda aýdylan sözler:

“... bu diýseňhaýran galdyryjy tanslar!”

*“ The Village Voice” gazeti*

“... ýokary tizlikli Internet eýýamyna mynasyp ýeterlik derejede binagärlik takyklyk we jikme-jik işlenen usulyýet bilen ýerine ýetirilýän bu saldymly we çeýe hereketler şol bir wagtda şeýle güýje eýe”

*““Los Angeles Times” gazeti*

“... aňyrbaşy tizlik bilen, üznüksizsiz, joşgun bilen ýerine ýetirilýän bu tanslarda aýaklar, eller mümkingadar işjeň ulanylýar we arkan aşmak, ýerde typmak, kelle hereketleri ýaly hereketlerden doludyr.”

*“Rural Intelligence” žurnaly*

### Tans toparyň int ernet salgysy

www.daviddorfmandance.org

### W ideo ý azgylardan parçalar

Disavowal
http://www.daviddorfmandance.org/view_video.php?id=3
underground
www.daviddorfmandance.org/view_video.php?id=2

BAM